## Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW:

**— MENIŇ MAKSADYM TÜRKMEN DIPLOMATIÝASYNYŇ MILLI MEKDEBINI HEMMETARAPLAÝYN GOLDAMAKDAN WE DÜNÝÄNIŇ IŇ ÖSEN TALAPLARYNA LAÝYK GELÝÄN BILIM ULGAMYNY SIZE ELÝETERLI ETMEKDEN YBARATDYR.**



# ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir! METBUGAT — INTERNET GAZETI

## THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT

INTERNET NEWSPAPER

№ 17, 2021-nji ýylyň 15-nji oktýabry

Our main goal is to serve the Motherland!

*Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty*

*Internet gazeti 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar*




# СОТРУДНИЧЕСТВО ВО ИМЯ БЛАГОПОЛУЧИЯ

***Когда друг протягивает руку помощи другу – налаживаются отношения между ними. Когда друг занимает место в душе друга – налаживается совместная работа. Под руководством Лидера нации наша страна выстраивает взаимовыгодные отношения со другими странами мира и международными организациями, руководствуясь принципами мира и взаимного доверия.***

В связи с этим нужно упомянуть официальный визит нашего Лидера в Республику Узбекистан 4–5 октября и встречу нашего Президента на Саммите Шанхайской организации сотрудничества в Душанбе, столице Республики Таджикистан, 17 сентября 2021 года в качестве почетного гостя, а также участие нашего Героя Аркадага во Всемирной выставке «EXPO — 2020» в Дубае во время рабочего визита в Объединённые Арабские Эмираты.

Наше государство рассматривает Шанхайскую организацию сотрудничества как площадку для политического диалога и сотрудничества в области энергетики, транспорта и логистики в реализации приоритетов своей политической стратегии. 300 миллиардов кубометров «голубокого топлива» было экспортировано в Китай с момента выпуска строящегося газопровода Туркменистан — Узбекистан — Казахстан — Китай. Реализуется четвертая ветка строительства газопровода Центральная Азия — Китай. Она будет проходить по маршруту Туркменистан — Узбекистан — Таджикистан — Кыргызстан. С её запуском общая мощность газопровода увеличится до 85 миллиардов кубометров, а объём экспорта в Китай увеличится до 65 миллиардов кубометров в год. Как подчеркнул в своем выступлении на саммите наш Лидер, возрастает роль Шанхайской организации сотрудничества, поскольку мир сталкивается с новыми вызовами.

Туркмено-узбекские дружеские отношения берут начало из глубин веков. Официальный визит нашего Президента в Республику Узбекистан 4–5 октября также вывел эти отношения на новый уровень. В ходе официального визита между сторонами было подписано 23 документа. Особую роль в развитии двусторонних отношений играет туркмено-узбекская Межправительственная комиссия по торгово-экономическим, научно-техническим и культурным вопросам. К настоящему времени проведено 16 заседаний Межправительственной комиссии, на которых были подписаны десятки договоренностей по различным направлениям сотрудничества.

Торжественное открытие Всемирной выставки «EXPO — 2020» состоялось 1 октября 2021 года.

Наша страна несколько раз принимала участие в столь значимом форуме. Туркменистан впервые показал свою продукцию и достижения на выставке «EXPO — 2010», проведённой в Шанхае. Нужно отметить, что Независимое, постоянно Нейтральное туркменское государство рассматривает своё участие во Всемирной выставке как доброжелательное начинание во имя мира и процветания во всём мире. Главная цель участия Туркменистана в выставке — показать всему миру свои достижения за 30 лет суверенного развития, расширить торгово-экономические отношения с другими странами мира, увеличить экспорт продукции.

Важные международные инициативы, выдвинутые нашим Президентом в крупных международных организациях, включая Шанхайскую организацию сотрудничества, получают мощную поддержку в регионе и во всем мире, поскольку они преследуют общие цели и общие интересы. Под руководством нашего Лидера Туркменистан развивает добрососедские отношения со странами и международными организациями. Пусть путь дружбы и братства нашего Лидера всегда будет плодотворным!


***Мяхрибан ГАНДЫМОВА,***
***преподаватель факультета международной журналистики Института международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана.***

***Текст перевела: студентка Огулнар ОРАЗМУРАДОВА.***


*Геополитическое обозрение*

## Hormatly Prezidentimiziň Garaşsyzlyk pentleri

**Garaşsyzlyk bilen geçmişlidiris, şu günlüdiris, geljeklidiris.**

* * *

**Garaşsyzlyk diýmek özüňi sylamak we özüňi sylatmak diýmekdir.**

* * *

**Garaşsyzlyk diýmek ähli mümkinçiliklerimizden peýdalanyp bilmegimiz diýmekdir.**

* * *

**Garaşsyzlyk diýmek ata-babalaryň arzuw umytlarynyň hasyl bolmagydyr, olaryň belent ruhunyň gaýtadan daýanmagydyr we bu günki nesillerden razy bolmagydyr.**

# TÄZE NEŞIR EDILEN YLMY-DÖREDIJILIK KITABY

***Ýakynda ýurdumyzda Garaşsyzlygymyzyň şanly 30 ýyllygyna bagyşlanyp, «Halkara gatnaşyklarynyň derwaýys meseleleri: ylmy-döredijilik çemeleşmeler» atly täze kitap çapdan çykdy.***




Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty tarapyndan taýýarlanan bu owadan bezegli kitapda ýokary okuw mekdebimiziň mugallymlarynyň hem-de talyplarynyň ylmy makalalary we goşgular ýygyndylary ýerleşdirilipdir. Üç bapdan ybarat bu kitabyň birinji bölüminde mugallymlaryň ylmy makalalarynyň 37-si, ikinjisinde talyplaryň ylmy makalalarynyň 14-si, üçünjisinde institutymyzyň mugallymy B.Saryýewiň hem-de talyplaryň goşgularynyň 66-sy ýerleşdirilipdir.

Kitap Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň rektory, taryh ylymlarynyň kandidaty Jumamyrat Gurbangeldiýewiň «Milli diplomatiýanyň ýokary mekdebi: halkara gatnaşyklary ugrundan başarnykly hünärmenleri taýýarlamagyň oňyn tejribesi» atly ylmy makalasy bilen açylýar. Onda hormatly Prezidentimiziň 2008-nji ýylyň 20-nji martyndaky Permany bilen döredilip, 2011-nji ýylyň 1-nji sentýabrynda açylan institutyň geçen gysga döwrüň içinde bilim ulgamynda mynasyp orny eýeleýşiniň taryhy ylmy dilde beýan edilýär.

Şeýle-de kitapda mugallymlaryň we talyplaryň döwrebap hünärmenleri taýýarlamagyň oňyn tejribesine, Bitaraplygyň türkmen nusgasynyň taryhyna, syýasy-diplomatik işiň ylmy-tejribe üpjünçiligine, ýurdumyzyň ählumumy parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmek boýunça halkara tagallalaryna, durnukly ösüş maksatlarynyň wezipelerine, Türkmenistanyň ulag-aragatnaşyk, daşky gurşawy goramak we ekologiýa syýasatlarynyň esasy ýörelgelerine, Diýarymyzda sanly bilim ulgamynyň ösüşine, daşary ýurt dilleriniň jemgyýetde tutýan ornuna we beýleki ugurlara degişli makalalar, syýasy we durmuşy äheňli goşgular bilen tanşyp bilersiňiz.

Kitap ýokary okuw mekdepleriniň mugallymlaryna, talyplaryna we okyjylar köpçüligine niýetlenendir.


***Aziza HUDAÝNAZAROWA,***
***Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara žurnalistikasy fakultetiniň I ýyl talyby.***




**Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 30 ýyllygyna: syýasy söhbetdeşlik**

# GARAŞSYZLYGYŇ GOŞA KITAPLY GOŞA GANATY

### *Sentýabr — oktýabrdyr aýlaryň ýagşysy*

**— Ýoldaş mugallym, Magtymguly Pyragy «Remezan diýrler aýyň ýagşysy» diýen bolsa, häzirki Garaşsyz ýurdumyzda sentýabr — oktýabr esasy garaşsyzlyk aýlary hökmünde biz üçin has ýagşy aýlar bolup görünýär. Şoňa görä-de, şu aýlarda «Garaşsyzlyk — bagtymyz» kitabyny halkymyza peşgeş beren, Bagtyýarlyk döwrümizi berkarar eden hormatly Prezidentimizi, ähli professor-mugallymlarymyzy hem-de «Soýuz hem Garaşsyzlyk» atly publisistiki kitabyň awtory, Türkmenistanyň at gazanan žurnalisti, halypamyz bolan sizi — Täçgeldi GUTLYÝEWI talyp ýaşlaryň adyndan tüýs ýürekden gutlaýarys.**

*— Sag boluň! Hormatly Prezidentimizi, öz ähli mugallymlarymy, bizi sylan ýaşlary Alla sylasyn!*




**— Ýoldaş mugallym, söhbetimizi «Ýaş diplomatyň sesi» gazetiniň 16-njy sanynda çykan iki makaladan başlasak ýagşy bolardy. Şol gazetiň birinji sahypasynda hormatly Prezidentimiziň Garaşsyzlygymyzyň şanly 30 ýyllygy mynasybetli täze ýazan «Garaşsyzlyk — bagtymyz» atly kitabynyň tanyşdyryş dabarasy hakda makala berildi. Şeýle hem gazetiň 4-nji sahypasynda siziň Soýuz döwründe, baryp 1991-nji ýylda halky Garaşsyzlyga çagyryp ýazan «Soýuz hem Garaşsyzlyk» kitabyňyza bagyşlap, «Biznes reklama» gazetiniň baş redaktory Seýitmyrat Geldiýewiň ýazan «Soýuz hem Garaşsyzlyk» — okuwçykam gazanan üstünligim üçin alan ilkinji serpaýym» atly publisistik makalasy çykdy. Şu iki kitap hakdaky makalalaryň birbada bir gazetde çykmagy biz, talyplar üçin üýtgeşik özüne çekiji ýşarat, buýsandyryjy täzelik boldy. Has takygy, olaryň biri Garaşsyzlygyň 30 ýyllyk belentliginde, ikinjisi Garaşsyzlygyň gözbaşynda ýazylan kitaplar hökmünde Garaşsyzlygymyzyň goşa ganatly goşa kitaplary bolup göründi hem-de bu ugurda siz bilen söhbetdeş bolmak islegini döretdi. Eýsem, ýaşlaryň Garaşsyzlyk düşünjeleriniň has giňelmeginde şu kitaplaryň bar bolan uly ähmiýeti barada aýdaýsaňyz!**

*— Bu kitaplara Garaşsyzlygyň goşa ganaty hökmünde garamagyňyz eýýäm köp gözýetimleriňizden habar berýär. Eýsem-de bolsa, Sokrat «Özüňi tana» diýen bolsa, sowala has içginräk jogap bermegi bu ugurdaky düşünjeleriňiziň näderejededigini, nirede durandygyny aýdyňlaşdyrmakdan başlamak gowy bolardy. Şu nukdaýnazardan ýakynda Garaşsyzlygymyzyň 30 ýyllygyna bagyşlanyp, institutymyz tarapyndan GDA döwletleriniň ýokary okuw mekdepleriniň arasynda guralan «Garaşsyzlyk, Bitaraplyk — ösüşiň goşa ganaty» atly bäsleşige ýüzlenesim gelýär. Şol bäsleşige Tawus, ine, özüňem gatnaşyp, ýeňijileriň biri bolduň. Menem emin agzalarynyň biri hökmünde şol bäsleşige gelen makalalary okap çykyp, birinjiden-ä, juda begendim, ikinjiden hem biraz gynanan ýerim boldy.*

**— Mugallym, biz ýaşlaryň entek ýaňy şineläp barýan döredijiligimizi okap, beýle täsirlenmegiňiz biziň üçin örän gyzykly. Eýsem, nämä juda begendiňiz?**

*— Şol makalalary ýazmak bilen siziň diňe bäsleşige gatnaşmak bilen çäklenmän, eýsem, Garaşsyzlyk göreşine özboluşly goşant goşandygyňyza begendim.*

**— Garaşsyzlyk göreşine goşant?! Eýsem, Garaşsyzlygymyz bireýýäm gazanylyp, bize diňe miwelerini ýygnap hem dadyp ýörmek galmadymy näme?!**

*— Ýok! Bu göreşiň dowam edýändiginiň üstünde söhbedimiziň barşynda ýeri gelende durup geçeris.*

### *Garaşsyzlyk bir aýsberg diýsek...*

**— Bolýar, mugallym. Onda gynanan ýeriňiz näme bilen bagly boldy?**

*— Eger Garaşsyzlygy ummandaky bir ägirt aýsberg hökmünde göz öňüne getirsek, bäsleşige ýazan makalalaryňyzdan görnüşine görä, siz bu aýsbergiň diňe suwdan üstki gatlagyny görýärsiňiz. Emma suwdan aşaky esasy bölegini, ýagny, üçden iki bölegine welin göz ýetirip bilmeýärsiňiz.*

« — Eger Garaşsyzlygy ummandaky bir ägirt aýsberg hökmünde göz öňüne getirsek, bäsleşige ýazan makalalaryňyzdan görnüşine görä, siz bu aýsbergiň diňe suwdan üstki gatlagyny görýärsiňiz. Emma suwdan aşaky esasy bölegini, ýagny, üçden iki bölegine welin göz ýetirip bilmeýärsiňiz. »

**— Diýmek, siz garaşsyzlyk aýsberginiň aşaky bölegini görmek üçin bu iki kitaby gowy okap çykmak gerek diýjek bolýarsyňyz-da...**

*— Ine, üstünden bardyň. Ýöne, dogrymy aýtsam, diňe gowy okamak hem azlyk edermikä diýýärin. Bu iki kitabyň ähmiýetine düşünmek, aýsbergiň astyny görmek üçin olary azyndan özlerine mahsus bolan dört okaýyşda gowy okamak — dört hala ýetmek gerekdir.*

### *Goşa ganat kitaplaryň dört okalyşly dört haly*

**— Dört okaýşa, dört hala ýetmek?! Mugallym, görýän welin, siziň gürrüňleriňiziň üsti bilen syrly älemiň gapylary açylýar öýdýän?! Eýsem, aýdalyň, hormatly Prezidentimiziň «Garaşsyzlyk — bagtymyz» kitabynyň dört okalyşynyň birinji okalyşyny gowy özleşdirsek, biz nämä düşüneris?**

*— Gündogar pelsepesinde «Patyşada kyrk adamyň akyly bardyr» diýilýär. Bu Şadiwanynyň hem köp parasadynyň bolşy ýaly, köp hili okalyşy hem-de ol okalyşlar hakdaky aýtgylar bardyr. Ynha, kitabyň birinji okalyşynda şeýle seredeniňde, birbada bu kitabyň 13 babynda Garaşsyzlygymyzyň asyrlara barabar geçen 30 ýyllyk taryhy ýo-*




*luna filosofiki, syýasy, medeni-ykdysady we demokratik, hukuk, ylmy taýdan baha bermeleri, durmuşymyzyň dürli ugurlarynda 30 ýylyň içinde gazanan üstünliklerimizi gymmatly sanlar we maglumatlar bilen jemlenmesini görersiňiz. Meselem, 30 ýylyň içinde önüm öndürişimiziň 30 esse ýokarlanandygy, diňe geçen ýylyň özünde meýdany 2 million inedördül metrden hem köp bolan ýaşaýyş jaýynyň ulanylmaga berlendigi ýaly ençeme gymmatly maglumatlar bilen tanşarsyňyz. Bu kitabyň ýa-da öňden tanyş çeşmeleriňiziň esasynda 1990-njy ýylyň 24-nji maýynda «Dil hakyndaky» Kanunyň, şol ýylyň 22-nji awgustynda «Türkmenistanyň döwlet özygtyýarlygy hakyndaky» Jarnamanyň, 1991-nji ýylyň 26-njy oktýabryndaky sala salşyk esasynda şol günüň ertesi, 27-nji oktýabrda «Türkmenistanyň garaşsyzlygy we döwlet gurluşynyň esaslary hakynda» Konstitusion Kanunyň, 1992-nji ýylyň 18-nji maýynda Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň, 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda BMG-niň Baş Assembleýasynyň dünýäniň 185 döwletiniň adyndan, 2015-nji ýylyň 3-nji iýunynda dünýäniň 193 döwletiniň goldamagynda Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy hakyndaky Kararnamalaryň kabul edilmegi ýaly ençeme binýatlaýyn maglumatlary bilmek bolýar. Emma bular aýsbergiň üstki gatlagyny öz içine alýan maglumatlardyr.*

*«Soýuz hem Garaşsyzlykda» bolsa, birinji okalyşda Soýuzyň golastynda bolmak bilen geçen 70 ýylda gazanan üstünliklerimiz, emma ozaly bilen ýitiren ýitgilerimiziň hasap-hesibine, Türkmenistanyň algydarmy ýa-da bergidarlygyna degişli maglumatlara, Garaşsyzlyga eýe bolanymyzda ýetip biljek derejelerimize göz ýetirersiňiz. Meselem, ynha kitapdaky käbir maglumatlar: «Hawa, unitar Soýuzda biz türkmenleriň 70 ýylda bar toplap bilen ahyrky baýlygymyz — alan alty şaýymyz bary-ýogy 40 milliard manada hem-de 4 sany ordenjige deňdir. 70 ýylda äkidilen diňe gazyň (172 mlrd. dollar, nebitiň 945 mlrd. dollar we pagta süýüminiň (24 mlrd. dollar) özi jemi 250 mlrd. dollarlyga ýa-da sowet pulundan 2,5 trillion manatlyga barabardyr. 500 ýyllap dowam edip gelýän kolonial sistemanyň içinde türkmen halky ýaly şeýle elhenç juldan çykarylany ýa bardyr ýa ýokdur». Şeýlelikde, bu iki kitaby, olardaky maglumatlary okap, köp talyp, hat-da, uly adamlaryň hem ençemesi iki kitaba doly düşündik öýderler, şol düşünme ýeterlikdir öýderler. Emma bularyň hemmesi birinji kitap barada-da, ikinji kitap barada-da düýp meselä düşünmek ýolunyň başlangyjydyr, Garaşsyzlyk aýsberginiň diňe üstki gatlagyny görmek bilen barabar başlangyç haldyr. Şoňa görä-de, muňa düşünmedikler birinji okalyşda — birinji düşünme halynda galarlar, düşünen köp adam bolsa ikinji okalyşa, ikinji hala geçmek bilen bolar.*

### *Kitaplaryň ýürek bilen ikinji okalyşy*

**— Halypa, eýsem, Garaşsyzlyga giňden düşünmekde bu kitaplaryň ikinji okalyşy, ikinji halyna ýetilişi nähili sypatlary öz içine alar?**

*— Bu sowala jogaby hormatly Prezidentimiziň «Garaşsyzlyk — bagtymyz» kitabynda okalyşlary salgy beriji şeýle sözlerinden gözläliň. Onda: «Onsoň hem Garaşsyzlygymyzyň hakyky keşbini, Garaşsyzlygymyzy berkitmek ugrundaky tagallalarymyzyň gymmatyny doly aňladardan islendik derejedäki maglumatlar hem, sanlar hem, söz hem ejiz geler. Ony on iki süňňüň bilen duýmak, oňa sandan-maglumatdan, sözden-pikirden ýokardaky güýç bilen düşünmek, adatdan daşary söýgi bilen berilmek zerurdyr» diýilýändir. Munuň özi, eger, birinji okalyşa, birinji hala aň-bilim bilen okaýyş haly diýilse, ikinjä ýürek bilen, kalp bilen okalyş haly diýip düşünmek bolar. Şeýlelikde, kitaplar aň we kalp bilen bitewülikde okalanda köp zada düşünmek we olary duýmak bolar.*

**(Dowamy bar).**

***Söhbetdeşligi taýýarlan: Tawus AKJAÝEWA,***
**Halkara žurnalistikasy fakultetiniň III ýyl talyby.**



*Следуя мудрой лекции Лидера нации*

# ЛУЧЕЗАРНОЕ ВОПЛОЩЕНИЕ В МИР ОБРАЗОВАНИЯ

***Источник человеческого совершенства — знания. Мы осознали это еще яснее, когда наш уважаемый Президент в День знаний и студенческой молодежи с высоким педагогическим мастерством провёл первую лекцию в новом учебном году.***

Это историческое событие года «Туркменистан — Родина мира и доверия» вдохновило нас—преподавателей на более творческий и ответственный подход к воспитанию подрастающего поколения и подготовки талантливой молодежи. Для нас большое счастье быть участниками исторического события в месяц празднования славного 30-летия Независимости нашей Родины.

Следуя по пути наших предков, Лидер нации уделяет особое внимание формированию высокообразованного, современного поколения. В своей книге «Духовный мир туркмен» президент Гурбангулы Бердымухамедов говорит: «Самое ценное наследие — это воспитание, а залог воспитания — наука и образование». В нашей стране проводится огромная работа для того, чтобы молодёжь получала современное образование, раскрывали свои таланты в соответствии с их возрастными особенностями, а также состоялись как личности. Предоставления нашим детям, впервые вступающим в мир образования, компьютеров «Bilimli» отечественного производства, которые снабжены информацией, является отеческой заботой о подрастающем поколении. Во всех уголках нашей страны растёт количество детских оздоровительных центров, учреждений для детей дошкольного возраста, новых школ, число специальностей в высших учебных заведениях и студентов, обучающихся в вузах. Наш уважаемый Президент на своей лекции отметил: «Мы надеемся, что в ближайшие годы сможем подключить Ашхабад к творческой сети городов ЮНЕСКО». Радостная весть об открытии кафедры ЮНЕСКО в Туркменском государственном университете имени Махтумкули и педагогическом институте имени Сейитназара Сейди обрадовала преподавателей и студентов. Отрадно, что мы являемся свидетелями огромной деятельности по предоставлению молодёжи возможностей для приобретения навыков.

В эпоху могущества и счастья, многогранные реформы, проводимые на основе предвидящей, гуманной внутренней и внешней политики Лидер нации, и высокие достижения во всех сферах — яркое свидетельство торжества государственного суверенитета и независимости. Потому что эта политика осуществляется по принципу «Государство — для человека!».

«Отечество, священная земля предков — зеница ока, венец души народа»

Отцовские советы, наставления и мечты, являющиеся ориентиром для нашей молодежи, надёжно засели в сознании и в сердцах участников лекции. Мудрые слова нашего Героя Аркадага: «Отечество, священная земля предков — зеница ока, венец души народа» еще больше укрепили патриотические чувства нашей молодежи. В этом плане, заслуживший большое уважение своей человечностью и нравственными чертами характера — учитель, солдат, человек, пользовавшийся любовью народа — верный сын нашей Независимой Родины Бердымухамед Аннаев. Наш уважаемый Президент достойно продолжает наставнический путь отца Мяликгулы ага.

Молодежь — будущее нашей Родины. Основная обязанность молодого поколения — воспользоваться большими возможностями, предоставленными нашим Лидером нации, усердно получать образование и стать профессионалами.



***Огулгурбан ЭЗИМОВА,***
***заведующая кафедрой обществоведческих наук, кандидат философских наук.***
***Перевёл: студент Кыят ИЛАМАНОВ.***

# POWERFUL STEPS OF THE REGION

*Geo-economic survey*

***Opportunities for cooperation with the Economic Cooperation Organization (ECO) play an important role in the foreign political strategy of Turkmenistan, which is being implemented under the leadership of the esteemed President. This is a clear example of the fact that the summits of the heads of states of the Organization for Economic Cooperation and Development will be held in our country at the end of November this year.***

Economic Cooperation Organization

The structure of the Organization for Economic Cooperation and Development (OECD) in the region includes 10 states. These states are close in history, geography, religion, language, and traditions. It is the home of cultures and civilizations that have left a great mark on the history of the region. Despite the fact that very advanced cultures and civilizations have been created in different periods of history, this region is considered to be one of the places that lags behind in development in recent centuries. With the development of industrial production, very large natural resources have been discovered in the region. As a result, it has opened up opportunities for these states to become one of the most powerful centers in the world.

In the early twentieth century, Azerbaijan was producing half of the world`s oil. At the time, Azerbaijan was ahead of the United States in oil refining. Iran has 9% of the world`s oil reserves and 1\7th of the world`s natural resources. Turkmenistan is on the top five states of the world in terms of natural gas reserves. Turkmen natural gas is distinguished by its high quality and is used as a raw material for the fuel and chemical industries. Kazakhstan has huge reserves of oil, coal, iron and uranium. Uzbekistan also has significant reserves of oil, gas and coal. In general, the energy supply of the countries of the region is high, and it also plays an important role in the world energy market.

The initiatives put forward by our esteemed President, the work being carried out to develop bilateral and multilateral mutually beneficial cooperation with world countries, international organizations are aimed not only at us, but also at the peaceful, prosperous and happy future of the people of the world.



***Bazar MESOV,***
***Teacher of the faculty of International economical relations of the Institute of international relations of the Ministry of foreign affairs of Turkmenistan.***
***Translated: student Humay MEREDOVA.***

# Дружеские отношения расширяются

В результате разумной государственной политики Уважаемого Президента успешно проводится творческая внешняя политика, основанная на принципах постоянного нейтралитета, миролюбия, открытых дверей, добрососедства и взаимовыгодного сотрудничества с иностранными партнерами.

В результате разумной государственной политики Уважаемого Президента успешно проводится творческая внешняя политика, основанная на принципах постоянного нейтралитета, миролюбия, открытых дверей, добрососедства и взаимовыгодного сотрудничества с иностранными партнерами.

В сфере образования Туркменистана также ведутся масштабные работы по развитию конструктивных отношений с авторитетными зарубежными ВУЗами. Примером тому является подписание 8-го октября 2015 года совместного меморандума о взаимном сотрудничестве между Институтом международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана и Университетом мировой экономики и дипломатии Республики Узбекистан. За годы сотрудничества было проделано много работы в числе которых тематические встречи и круглые столы. Так, 8 октября 2020 года в онлайн формате был организован круглый стол с участием профессорско-преподавательского состава двух вузов.

17 февраля 2021 года в видеоформате был проведен брифинг, посвященный 538-и летию Захырридина Бабура, в котором приняли участие Чрезвычайные и Полномочные послы двух стран, ректор

*Сотрудничество между ВУЗами*

ИМО МИД Туркменистана Джумамырат Гурбангелдиев, ректор Университета мировой экономики и дипломатии Республики Узбекистан, а также преподаватели и студенты вузов.




18 августа текущего года кандидат философских наук, доцент кафедры обществоведческих наук Огулгурбан Эзимова приняла участие в международной научной-практической конференции «Взаимосвязь Центральной и Южной Азии: предпосылки, перспективы, геостратегическое значение», организованной Университетом мировой экономики и дипломатии Республики Узбекистан. Все эти мероприятия будут способствовать дальнейшему расширению международного сотрудничества в области науки и образования, что подчеркивает тесные взаимоотношения между двумя ВУЗами.



***Нурана МУХЫЕВА,***
***студентка III курса факультета Международных отношений Института международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана.***

*Garaşsyz Diýarymyzyň Gahrymanlary*

# GAHRYMAN ADYNA MYNASYP BOLAN DIPLOMAT ZENAN

(Soňy. Başlangyjy gazetiň geçen sanynda).

2009-njy ýylda hormatly Prezidentimize ÝUNESKO bilen özara bähbitli gatnaşyklary berkitmekde, halkymyzyň taryhymedeni mirasyny ösdürmekde bitiren çäksiz hyzmaty üçin bu Gurama tarapyndan Ibn Sina adyndaky halkara altyn medalyň berilmegi ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň taryhynda aýratyn bir sahypany açdy we bu hyzmatdaşlygyň gowrümini täze ugurlar arkaly giňeltmäge uly mümkinçilikleri döretdi.

2013-nji ýylda Türkmenistan ÝUNESKO-nyň Ýerine ýetiriji Geňeşiniň agzalygyna 4 ýyl möhlet bilen saýlandy.

Ýurdumyzda ÝUNESKO-nyň halkara Maksatnamalarynyň we iri taslamalarynyň çäklerindäki hyzmatdaşlyk hem netijeli ýaýbaňlanýar. Şu ýylyň dowamynda hormatly Prezidentimiziň ýakyndan goldamagy netijesinde ilkinji gezek Türkmenistanda ÝUNESKO-nyň «Adam we Biosfera», «Dünýä Hatyrasy» hem-de «UNITWUN» atly üç sany iri halkara taslamalaryny durmuşa geçirmäge girişildi. Munuň netijesinde, ýurdumyzyň tebigy goraghanalarynyň birnäçesini Bütindünýä biosfera toruna girizmäge, beýik türkmen şahyry Magtymguly Pyragynyň golýazmalar ýygyndysyny «Dünýä hatyrasy» atly maksatnamanyň halkara sanawyna hödürlemäge, «UNITWUN» bilim taslamasynyň çäklerinde Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde we S.Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynda ÝUNESKO kafedralaryny açmaga, şeýle hem ýurdumyzyň 6 sany orta bilim mekdeplerini bu Guramanyň assosirlenen mekdepleriniň ulgamyna goşmaga hukuk gazanyldy.

> *Meniň durmuşda saýlan ýolum – halallyk. Öz hünäriňi diňe ýokary başarjaňlyk bilen ele almak we özüňe ynanylan wezipäni garaşylandan has hem netijeli we ýokary hilli alyp barmak, ýerine ýetirmek meniň durmuşy ýörelgämdir.*



Ýakyn wagtda ýurdumyzyň paýtagty Aşgabat şäherini ÝUNESKO-nyň Şäherleriň döredijilik toruna birikdirmek, «Dutar ýasamak senetçiligini, dutarda saz çalmak we bagşyçylyk sungatyny» Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizmek babatynda geçirilen işler barada hem buýsanç bilen aýtmak bolar. Bu barada ÝUNESKO-nyň gutarnykly çözgüdiniň şu ýylyň noýabr we dekabr aýlarynda yglan edilmegine garaşylýar.

Şol bir wagtda «Ahalteke atlaryny seýislemek» hem-de «Türkmen alabaýlaryny ýetişdirmek» sungatlaryny, «Türkmen keçe sungatyny», «Demirçilik senedini», «Türkmen tazysy we elguş sungatyny», «Türkmen milli göreşini» hem ýakyn geljekde bu Guramanyň abraýly sanawyna girizmek babatynda jogapkärli işler alnyp barylýandygyny hem belläp geçmek gerek.

***— Çynar Täjiýewna, siz diňe diplomat däl, eýsem, ylym adamsy hökmünde hem giňden tanalýarsyňyz. Türkmenistan bilen Hindistanyň arasyndaky gatnaşyklara bagyşlanyp ýazan monografiýaňyz dogrusynda gürrüň beräýseňiz?!***

— Men heniz orta mekdepde okaýarkam, Hindistanyň taryhy, medeniýeti, sungaty hem-de hindi halkynyň däp-dessurlary bilen içgin gyzyklanýardym. Bu babatda doly maglumatlary öwrenmek üçin mekdebimiziň kitaphanasynda saklanýan görnükli hindi ýazyjylary Ýaşpalyň we Rabindranat Tagoryň eserlerini gaýtalap-gaýtalap okaýardym. Galyberse-de, geçen asyryň 60 — 70-nji ýyllarynda Moskwada rus dilinde çap edilýän «Hindistan» žurnalyna abuna ýazylyp, onuň maglumatlarynyň ýekejesini hem sypdyrman okaýardym.

Soňra institutda okan ýyllarymda, dürli ýerlerde işlän döwürlerimde hem Hindistan bilen bagly dürli çeşmeleri öwrenmegi dowam etdirdim.

Netijede, 1993-nji ýylda meniň «Türkmenistanyň Hindistan bilen gatnaşyklarynyň taryhy dogrusynda» atly kiçi göwrümli monografiýam çapdan çykdy.

Bu monografiýada biziň ýurdumyzyň Hindistan bilen XVI asyrdaky özara taryhy gatnaşyklary, şol sanda mogollaryň hökümdarlyk süren döwründe bu ýurduň syýasy, medeni durmuşynda düýpli yz galdyran Baýram han Türkmen, onuň ogly Abdyrahym han, türkmen şahyrlary Hoja Hüseýn Merwi (Maryly), Ýolguly Anisi (Nusaýly), Muhammet Guly Türkmen barada entek mälim bolmadyk maglumatlar berildi we onuň üsti bilen ýurdumyzyň okyjylary ilkinji gezek bu şahsyýetler bilen ýakyndan tanyşdyryldy.

Şeýle hem bu monografiýada ilkinji gezek beýik türkmen şahyry Magtymguly Pyragynyň Hindistanyň tebigatynyň, medeniýetiniň ajaýyplygyny açyp görkezýän 30-dan gowrak goşgulary barada giň söhbet açyldy.

***— Halypa diplomat hökmünde geljekki halkaraçy hünärmenlere öz maslahatlaryňyzy beräýseňiz?!***

— Meniň durmuşda saýlan ýolum – halallyk. Öz hünäriňi diňe ýokary başarjaňlyk bilen ele almak we özüňe ynanylan wezipäni garaşylandan has hem netijeli we ýokary hilli alyp barmak, ýerine ýetirmek meniň durmuş ýörelgämdir. Watanyňy, dogduk ýurduňy, halkyňy janyň-teniň bilen söýmek, oňa yhlas bilen hyzmat etmek, döwlet Baştutanyna wepaly bolmak meniň baş maksadymdyr. Men öz perzentlerimi şu gymmatlyklar esasynda terbiýeledim. Talyp ýaşlara hem bu ýörelgelere eýermegi maslahat berýärin.

Goý, türkmen halkynyň medeni mirasyny goramak, dikeltmek hem-de olary dünýä ýaýmakda irginsiz iş alyp barýan hormatly Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak bolsun, döwlet ähmiýetli we tutuş adamzat bähbitli işleri elmydama rowaç alsyn!



**Söhbetdeş bolan: Aýlar ATAJYKOWA,**
**Halkara žurnalistikasy fakultetiniň II ýyl talyby,**
**«Ýaş diplomatyň sesi».**




## International Day of Architecture

Architecture is something we do not tend to appreciate as much as we should. Look around you next time you walk down the street. Everything is a product of architecture. Think about all of those amazing buildings around the world.

Architecture day has been created in order to pay regard to this industry. Architects have the ability to change the world that we live in with their amazing work. Architecture Day is about recognizing their work , as well as the important role that architecture plays.



There are many different ways that architecture impacts society and the world around us. At the very roots, architecture exists so that a physical environment can be created for people to live in. Ar chitecture is a part of our culture. It represents not only how we see the world, but also how we see ourselves. Not only does architecture have an impact on society at a high level, but it also has an impact at a personal level as well.

Celebrated on the first Monday of every October, World Architecture Day was set up by the Union International des Architects (UIA) back in 2005 and it is a day to show appreciation for the work architects do and to celebrate some of the great global architectural works.

Architecture is incredibly important and architects have the potential to shape all of our lives through their work. In addition, architecture plays an essential role in planning for the future, sustaining population growth and tackling a number of social problems. Events are held in different locations every year, bringing architects, engineers, planners and developers together to showcase their work, discuss future projects, debate current issues and plan new business ventures.



***Ajayyp NOBATOVA,***
***The 1st year student of the Faculty of international journalism.***

## ВСЕМИРНЫЙ ДЕНЬ ПОЧТЫ



Всемирный день почты был учрежден Всемирным почтовым союзом в 1969 году и является одним из ежегодных международных фестивалей.

Празднование годовщины Всемирного почтового союза, основанного в 1874 году в Берне, столице Швейцарии, стало первым шагом в сегодняшней истории. Его официальное объявление прозвучало с трибуны собрания Генерального почтового союза 1969 года в Токио, Япония. С тех пор Всемирный день почты ежегодно 9 октября отмечается во многих странах мира. Праздник входит также в систему всемирных и международных дней Организации Объединенных Наций и призван способствовать популяризации и развитию почтового обслуживания в мире.

Основная цель Международного дня почты — развитие роли почтового сектора — роли отдельных лиц и ассоциаций в повседневной жизни компаний и их вклада в социально-экономическое развитие страны.

Во всем мире насчитывается около 650 000 почтовых отделений, в которых работает более 5,3 миллиона сотрудников. Это дает широкие возможности для расширения объема почтовых услуг.

В этот день свой профессиональный праздник отмечают не только работники почтовых отделений, но и сотрудники почтовых интернет-серверов. По данным ВПС, международная почта говорит на 6800 языках своих клиентов и представляет собой самую протяженную в мире сеть физической доставки почты. Она предназначена для обеспечения надежной, эффективной и экономичной перевозки товаров и обмена идеями. Большинство почтовых операторов сами производят одежду, символы и специальные почтовые отправления, что способствует растущему значению почты в нашем обществе.




***Мейлис САДЫКОВ,***
***студент II курса факультета международной журналистики Института Международных отношений МИД Туркменистана.***



### e-cis.info

17 сентября Президент Туркменистана принял участие в саммите глав государств – членов Шанхайской организации сотрудничества в качестве почётного гостя.
Выступая на саммите, Президент Г. Бердымухамедов пригласил страны Шанхайской организации сотрудничества на Международную конференцию развивающихся стран, не имеющих выхода к морю, которая состоится в апреле 2022 года в Ашхабаде.

Г. Бердымухамедов отметил, что Международная конференция будет организована совместно с ООН. По его словам, она предоставит хорошую возможность для «конкретного, практического диалога» о международном транспортном сотрудничестве в чрезвычайных условиях и в посткризисный период.

Туркменистан осознаёт значительный потенциал сотрудничества с ШОС и высоко его ценит, заявил Г.Бердымухамедов.

### wam.ae

10th October, 2021 – Gurbanguly Berdimuhamedow, President of Turkmenistan, along with his delegation, toured his country's pavilion, as well as the UAE pavilion at Expo 2020 Dubai.

During his visit to the Turkmen pavilion, the flag of his country was raised in the Al Wasl Plaza, while its national anthem was played to celebrate Turkmenistan's National Day.

Senior officials also delivered speeches on the occasion.

Visitors to the Turkmenistan pavilion, located in the Mobility District, are greeted by a majestic fountain sculpture featuring five Akhal-Teke horses at the entrance.

The Turkmen pavilion is showcasing the country historic and cultural heritage and modern industrial achievements, in addition to its developmental priorities and international relations.

National and honour days at Expo — 2020 Dubai are moments to celebrate each of Expo's 200-plus international participants, shining a light on their culture and achievements and showcasing their pavilions and programming.




### sng.today

Туркменистан получил статус наблюдателя при Совете сотрудничества тюркоязычных государств. Все страны-участницы данной Организации единодушно поддержали это желание туркменского государства.

Главе туркменского государства Гурбангулы Бердымухамедову поступило письмо от руководителя Азербайджана Ильхама Алиева. В этом послании было отмечено, что все страны-члены ССТГ единомышленно поддержали решение сделать Туркменистан государством-наблюдателем при Тюркском совете. Ильхам Алиев сообщил, что в качестве председателя данной организации в настоящее время направил это обращение всем государствам-участникам ССТГ, в ответ чему они единодушно поддержали предоставление статуса стране.

### centralasia.news

Президент Узбекистана Шавкат Мирзиёев 5 октября провёл встречу с президентом Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедовым, в рамках которой было подписано 23 документа, охватывающих почти все направления многогранного узбекско-туркменского сотрудничества.

Главы стран приняли Совместное заявление, в котором рассмотрены итоги переговоров руководителей государств, определены перспективные задачи дальнейшего укрепления узбекско-туркменского стратегического партнёрства. Подписаны ряд документов, как Соглашение о создании и регулировании деятельности узбекско-туркменской зоны приграничной торговли, предусматривающее создание Торгового центра на сопредельных территориях, Соглашение об увеличении объемов товарооборота и расширении взаимовыгодных партнёрских связей между предприятиями и компаниями, Протокол об организации обмена предварительной информацией о товарах и транспортных средствах, перемещаемых через таможенную границу. Также, оформлены важные документы по дальнейшему развитию взаимоотношений.




## Journalists who 'speak truth to power' recognized with Nobel Peace Prize



From the Philippines, Maria Ressa, Chief Executive and cofounder of online news outlet Rappler, and Russia's Dmitry Muratov, cofounder and editor-in-chief of «Novaya Gazeta» newspaper, were named as the 2021 laureates by Berit Reiss-Andersen, chair of the Norwegian Nobel committee.

## Укрепление научного и практического взаимодействия

Роспотребнадзор и Всемирная организация здравоохранения 11 октября 2021 года начали первые международные учения в Казани, направленные на выявление и оперативное действие в случае обострения санитарно-эпидемиологической обстановки. Об этом сообщила пресс-служба Исполкома СНГ. Учитывая значимость предупреждения ухудшения ситуаций санитарно-эпидемиологического характера, представители данного сектора из стран СНГ и Европы, а также эксперты ВОЗ приняли участие в практико-ориентированном обучении. Предполагается, что опытные специалисты обменяются опытом и знанием в вопросах по проведению исследований в полевых условиях, решению логистических проблем, работе информационных систем, а также обеспечению биологической безопасности. Наряду с этим, стороны будут совершенствовать практические навыки, включая применение в деятельности различных типов мобильных лабораторий. Ранее Исполнительный секретарь СНГ Сергей Лебедев выразил благодарность структурам здравоохранения стран СНГ за объединение усилий государств Содружества в сохранении здоровья наших граждан.

## Crude jumps on global energy crunch, U.S. oil at 7-year high

Oil prices surged again on Monday, extending multiweek gains as an energy crisis gripping major economies shows no sign of easing amid supply restraint from major producers, Trend reports with reference to Reuters.



Prices have risen as more vaccinated populations are brought out of lockdowns, supporting a revival of economic activity, with Brent advancing for five weeks and U.S. crude for seven. Coal and gas prices have also been surging as economies recover, making oil more attractive as a fuel for power generation, pushing crude markets higher. "There's no direct news flow, the moves are momentum driven where intermarket factors implying higher expected inflation are supporting the bullish move in oil prices," said Kelvin Wong, commodities analyst at CMC Markets in Singapore. In India, some states are experiencing blackouts and further electricity cuts because of coal shortages, while in China the government has ordered miners to ramp up coal production as power prices surge. The energy crisis sweeping the world is raising the prospect of a difficult winter to come as heating demand rises. Fund managers increased their net long positions in U.S. crude futures and options in the week to Oct. 5, the Commodity Futures Trading Commission said on Friday. The speculator group increased combined futures and options position in New York and London by 8,902 contracts to 325,578 during the period, the commissions said. Drillers in the United States are taking advantage of the increase in prices and added five new oil wells last week, the fifth straight weekly increase in oil and gas rigs. The Organization of the Petroleum Exporting Countries (OPEC) and allies, together called OPEC+, last week decided to maintain a steady and gradual increase in production.

Sahypany taýýarlanlar: Annaberdi KAŞAŇOW, Ajaýyp NOBATOWA,
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň I ýyl talyplary.

*«Garaşsyzlyk, Bitaraplyk – ösüşiň goşa ganaty» atly bäsleşigiň laureatlarynyň makalalary*

# TÜRKMENISTAN – BAZARLARY BARLY ÝURT

Adama öz ömrüniň belli-belli menzillerinde durup yzyna garamak, geçilen ýoluň, edilen işleriň agramyny saldarlamak häsiýeti mahsus. Bu kada döwletleriň mysalynda alanymyzda hem güýjüni ýitirmeýär. Her bir ýurtda garaşsyzlyk gazanylmagynyň ýa-da onuň döredilmeginiň ýubileý ýyllarynda yzda galan menzillere nazar aýlap, geçen döwürden netije çykarylýar. Şu ýerde belli ýazyjy Wladimir Nabokowyň “Ýaşalan günlere däl, ýatda galan günlere ömür diýilýär” diýen jümlesi aňyma dolýar. Eziz Watanymyzyň mukaddes Garaşsyzlygynyň şanly 30 ýyllyk toýunyň öňüsyrasynda ýurdumyzyň taryh üçin örän gysga wagtda geçen şöhratly ýoluna seredip, munuň hakykatdan hem şeýledigine göz ýetirýärin. Heniz juwan ýaşynda gymmaty asyrlar bilen ölçenilýän öňegidişlikleri gazanan Diýarymyzyň ömrüniň hasabyna girýän günleriniň barmak basyp sanardan kändigi ylhamymy joşduryp, göwün guşumy ganatlandyrýar. Institutymyz tarapyndan «Garaşsyzlyk, Bitaraplyk – ösüşiň goşa ganaty» ady bilen tutuş GDA-nyň talyplarynyň arasynda yglan edilen bäsleşik bolsa ýürek joşgunymyň kagyz ýüzüne geçmegine itergi berdi.



Mundan bary-ýogy 30 ýyl ozal dünýä kartasynda peýda bolan döwletimiz taryh üçin göz açyp ýumasy salym diýilýän gysgajyk döwürde dünýäniň iň öňdebaryjy ýurtlarynyň hataryna goşulmagy başardy. Men hem bäsleşige hödürlän şu makalamda Watanymyzyň 30 ýyllyk perwazynyň dowamynda ýurdumyzyň söwda we telekeçilik ulgamynda ýetilen belent sepgitleriniň üstünde durup geçmegi makul bildim.

*Bir ýurduň halkynyň hal-ýagdaýyny bilmek isleseň, onuň bazaryna baryp görmek ýeterlik diýýärler. Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyzda geçirilen özgertmeler, söwda ulgamynda geçirilen toplumlaýyn işler bu günki günde ak bazarlarymyzda haryt bolçulygyny, baha elýeterliligini gazanmaga mümkinçilik berdi.*

*Häzirki wagtda guşuň süýdem bolsa tapdyrtjak diýilýän bolelinlik çeşmesi bolan bazarlarymyz bolsa halkymyzyň bagtyýar durmuşda ýaşaýandygynyň iň ilkinji subutnamalarynyň biridir.*

Hormatly Prezidentimiziň başlangyjy bilen 2008-nji ýylyň 17-nji martynda Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň döredilmegi, 2019-njy ýylyň oktýabrynda «Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi hakynda (rejelenen görnüşi)» Türkmenistanyň Kanunynyň kabul edilmegi bilen, guramanyň işiniň hukuk, guramaçylyk, ykdysady esaslarynyň kesgitlenilmegi telekeçiligi ösdürmekde ädilen taryhy ädimlerdir. Häzirki döwürde birleşmäniň 25 müňe barabar agzasy bolup, ol ýurdumyzyň iri jemgyýetçilik guramalarynyň birine öwrüldi.

Hormatly Prezidentimiz telekeçiligi ýurdumyzyň altyn gaznasyna deňäp, işewürlere uly ynam bildirýär. Ýurdumyzyň hususyýetçileri tarapyndan ekologiýa taýdan arassa we daşarky bazarlarda bäsdeşlige ukyply ýokary hilli önümleriň öndürilmegi bolsa türkmen telekeçileriniň döredilýän mümkinçiliklere mynasyp jogap gaýtarýandyklarynyň aýdyň subutnamasydyr.

Türkmen telekeçileri häzirki wagtda Aşgabat — Türkmenabat ýokary tizlikli awtomobil ýolunyň, Ahal welaýatynyň täze dolandyryş merkezini gurmak baradaky taslamalaryň we beýleki iri desgalardyr binalaryň gurluşyklaryny güýçli depginde dowam edýärler.

Hususyýetçilik barada söz gozgalanda aýratyn bellemeli zatlarymyzyň ýene biri-de Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň çäginde ýerleşýän senagat zolagynda türkmen telekeçileriniň yhlasy bilen döwrebap önümçiliklerdir hyzmatlaryň ösen merkeziniň kemala gelmegidir. Garaşsyzlyk ýyllarynda bu ýerde senagatyň dürli ugurlaryna degişli kärhanalar döredilip, bu günki günde olar öndürýän önümleriniň, ýerine ýetirýän hyzmatlarynyň köpugurlylygy bilen uly öwgä mynasyp bolýarlar.

Hormatly Prezidentimiz elmydama milli ykdysadyýetimiziň döwlete dahylsyz böleginiň mümkinçilikleriniň hasabyna ýurdumyzda azyk bolçulygyny üpjün etmekligi hem-de Watanymyzyň senagat we eksport kuwwatyny yzygiderli artdyrmaklygy aýratyn üns merkezinde saklaýar. Milli Liderimiziň ýurdumyzda gök-bakja we miwe önümleriniň öndürilişini artdyrmak hem-de ilatymyzy bu önümler bilen üpjün etmek barada berýän tabşyryklaryna laýyklykda, her ýylda ýurdumyzda ýeralma, gök-bakja we beýleki azyklyk oba hojalyk ekinleriniň bol hasyly ýetişdirilýär. Bu işde türkmen telekeçilerine hem aýratyn orun degişli. Muňa mysal hökmünde olar tarapyndan her ýyl ýüz müňlerçe tonna gök önüm, ýeralma hasylynyň alynýandygyny görkezmek bolar.

Ýurdumyzda döwrebap maldarçylyk hem-de guşçulyk toplumlary, ýyladyşhanalar, azyk we gaýtadan işleýän kärhanalar gitdigiçe artýar. Ýeri gelende bellesek, şu wagta çenli Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalary tarapyndan döwrebap ýyladyşhanalaryň 140-dan gowragy gurlup, ulanylmaga berildi we şeýle desgalaryň ýene-de onlarçasynyň gurluşygy dowam edýär. Bu ýyladyşhanalarda öndürilýän ekologiýa taýdan arassa, ýokary hilli gök önümler içerki bazarlary üpjün etmäge we eksporty artdyrmaga mümkinçilik berýär.

Ýokarda agzalanlar Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyzda diňe bir pudakda gazanylan üstünlikleriň örän gysgajyk beýanydyr. Olar deňziň bary-ýogy bir damjasy. Gahryman Arkadagymyzyň parasatly baştutanlygynda amala aşyrylan özgertmeler, ýetilen belent sepgitler bolsa, ullakan deňiz ýaly gözýetmez. Ol ümmülmez deňziň kenarlary bolsa günsaýyn giňemek bilen. Şol deňze iň bolmanda bir damja goşant goşmak bolsa biziň her birimiziň mukaddes raýatlyk borjumyzdyr.

**Mätgurban MÄTGURBANOW,**
**Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara žurnalistikasy fakultetiniň I ýyl talyby.**
**«Garaşsyzlyk, Bitaraplyk — ösüşiň goşa ganaty» atly döredijilik bäsleşiginiň baş baýragynyň laureaty.**



## Şygryýet

*Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllyk ýubileýine*

# DANA PYRAGY

*Şygyr şalygynda hökmürowan sen,*
*Sözüň melhem hassa jana Pyragy.*
*Hakydada dowamat sen, dowam sen,*
*Halkymyň buýsanjy dana Pyragy.*



*Biribar nazaryn saldy türkmene,*
*Arkadag howandar boldy türkmene,*
*Sowulmajak döwran geldi türkmene,*
*Il ýaýnaýar agaýana Pyragy.*

*Garaşsyz, Bitarap erkana Watan,*
*Ösuşlere, özgerişe ýar Watan,*
*Bagtyýar döwranly, Berkarar Watan,*
*Beslendi şöhrata, şana Pyragy.*

*Hasyl boldy arzuwlanyň isläniň,*
*Ili agzybirdir Türkmenistanyň.*
*Dile alyp ýüreginde besläniň,*
*Alkyş aýdýar Arkadaga Pyragy.*

***Orazberdi ORAZTAGANOW,***
***Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara ykdysady gatnaşyklary fakultetiniň I ýyl talyby.***



*Söýgi temasyndan*

# DYMMASAŇ BOLÝA

*Dideleňde gözýaş bolup galsamam,*
*Sebäpsiz gözleňden dammasam bolýa.*
*Iň bolmanda birje sözi aýtsaňam,*
*Razy senden ýöne, dymmasaň bolýa.*

*Eger gündizlerne görüp bilmesem,*
*Gijeler düýşümden gitmeseň bolýa.*
*Käte-käte güler ýüzüň görkez sen,*
*Kometa deý uzak ýitmeseň bolýa.*

*Arzuwlarmyň, hyýallarmyň baryny,*
*Kül mysaly gowrup ýakmasaň bolýa.*
*Kalbyňda guraryn bagt köşgüni,*
*Öz elleriň bilen ýykmasaň bolýa.*

*Sen ynjama, men ynjaýyn, ezizim,*
*Ýüregmiň gyýlanny bilmeseň bolýa.*
*Ýaşa bu durmuşda bagtly, şadyýan,*
*Gül deýin saralyp solmasaň bolýa.*

***Batyrmuhammet ORAZOW,***
***Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara žurnalistikasy fakultetiniň I ýyl talyby.***



ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI
INTERNET GAZETI
Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir!
THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT
INTERNET NEWSPAPER
Our main goal is to serve the Motherland!
Internet gazeti 2020-nji ýylyň 1-nji senýabryndan bäri çykýar.
Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty

Baş redaktor **Täçgeldi GUTLYÝEW.**

***Redaksion geňeşiň agzalary:*** *Begmyrat ATAÝEW, Merdan BERDINYÝAZOW, Mekanmyrat KENANOW, Rahym BÄŞIMOW, Baba SARYÝEW, Akmuhammet JUMAGULYÝEW, Tatýana DÖWLETOWA, Merjen GURBANNAZAROWA, Bazar MESOW, Mergen MÄMMETJUMAÝEW, Miwe NABATOWA.*

***Baş redaktoryň orunbasary:*** *Mähriban GANDYMOWA.*
***Jogapkär kätip:*** *Bakydurdy GARAÝEW.*
***Jogapkär kätibiň orunbasarlary:*** *Aýlar ATAJYKOWA, Taňryberdi MYRATLYÝEW.*
***Bölüm müdiri:*** *Mätgurban MÄTGURBANOW.*
***Edebi işgär:*** *Gurbansähet GURBANSÄHEDOW.*
***Korrektorlar:*** *Mähriban HUDAÝGULYÝEWA, Laçyn BERDIMYRADOWA, Gurbanjemal EGIRJÄÝEWA, Dünýägözel ÇARYÝEWA.*

**Gazet elektron görnüşinde HGI-niň internet saýtynda www.iirmfa.edu.tm salgysynda ýerleşdirilýär.**

**E-@mail:** diplomatyn.sesi@mail.ru